# TÜRKMENISTANYŇ KANUNY

## Türkmenistanyň Býujet kodeksini tassyklamak we güýje girizmek hakynda

**1-nji madda.** Türkmenistanyň Býujet kodeksini tassyklamaly.

**2-nji madda.** Türkmenistanyň Býujet kodeksini, şu Kanunda bellenilen düzgünleriň hasaba alynmagy bilen, 2015-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan güýje girizmeli.

**3-nji madda.** Türkmenistanyň Býujet kodeksiniň düzgünlerine esaslanýan býujet işiniň amala aşyrylmagyna tapgyrlaýyn geçilmegi bellemeli.

**4-nji madda.** Türkmenistanyň 2016-njy we 2017-nji ýyllar üçin Döwlet býujetleriniň işlenip düzülmegini, olaryň seredilmegini, tassyklanylmagyny we ýerine ýetirilmegini “Býujet sistemasy hakynda” Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda amala aşyrmaly.

**5-nji madda.** 2016-njy we 2017-nji ýyllar üçin Türkmenistanyň Döwlet býujetleriniň düzüminde Türkmenistanyň synag ministrlikleriniň işlenip düzülmegi, seredilmegi, tassyklanylmagy we ýerine ýetirilmegi Türkmenistanyň Býujet kodeksine laýyklykda amala aşyrylmaly býujetleri göz öňünde tutulmaly.

**6-njy madda.** Türkmenistanyň 2018-2020-nji ýyllar (meýilnama döwri) üçin Döwlet býujetiniň işlenip düzülmegini, seredilmegini, tassyklanylmagyny we ýerine ýetirilmegini Türkmenistanyň Býujet kodeksine laýyklykda amala aşyrmaly.

**7-nji madda.** 2018-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan şu aşakdakylary güýjüni ýitiren diýip hasap etmeli:

1996-njy ýylyň 18-nji iýunyndaky “Býujet sistemasy hakynda” Türkmenistanyň Kanunyny (Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 1996 ý., № 1-2, 2-nji madda);

2009-njy ýylyň 18-nji aprelindäki “Türkmenistanyň käbir kanunçylyk namalaryna üýtgetmeler, goşmaçalar girizmek we güýjüni ýitiren diýip ykrar etmek hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň XVII bölümini (Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2009 ý., № 2, 33-nji madda).

**8-nji madda.** Türkmenistanyň Ministrler Kabineti Türkmenistanyň Býujet kodeksiniň resmi taýdan çap edilen gününden başlap bir ýylyň dowamynda:

1) Türkmenistanyň Býujet kodeksiniň düzgünleriniň amala aşyrylmagy boýunça çäreleri kesgitlemeli;

2) Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalaryny Türkmenistanyň Býujet kodeksine laýyk getirmeli.

**Türkmenistanyň Prezidenti** **Gurbanguly Berdimuhamedow**

*Aşgabat şäheri.*
*2014-nji ýylyň 1-nji marty.*
*№ 37-V.*